# Ýusup Kerimow

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýusup Kerimow

ÝUSUP KERIMOW

Ýusup Abbas ogly Kerimow, tanymal azerbaýjan ýazyjysy, publisist.

Ýusup Kerimow 1940-njy ýylyň 5-nji maýynda Azerbaýjanyň Berde şäherinde doguldy.
Gelejekki ýazyjy ol ýerde 1-nji orta mekdebi tamamlandan soňra 1957-nji ýylda Azerbaýjan döwlet uniwersitetiniň žurnalistika fakultetine okuwa girdi we ony 1962-nji ýylda tamamlady.
1962-1964-nji ýyllarda Beýlekan raýonynda "Yüksəliş" atly raýon gazetiniň redaksiýasynda kätip, 1964-1973-nji ýyllarda "Bakı" agşamlyk gazetiniň redaksiýasynda bölüm müdiri, 1973-1978-nji ýyllarda Azerbaýjan telewideniýesiniň Ýaşlar bölüminiň baş redaksiýasynda bölüm müdiri we baş müdir wezipelerinde işledi.
1978-1980-nji ýyllarda Bakunyň ýokary partiýa mekdebinde okady.
1981-1995-nji ýyllarda "Azərbaycan gəncləri" gazetiniň redaktory bolup işledi.
1995-nji ýyldan 1997-nji ýyla çenli Merkezi saýlaw komissiýasynyň metbugat sekretary boldy.
1997-nji-2001-nji ýyllarda Azerbaýjan respublikasynyň Söwda ministrliginiň metbugat hyzmatlary boýunça wekili bolup işledi. 2001-nji ýyldan tä aradan çykýança Ykdysady gatnaşyklar ministrliginde zähmet çekdi.
Ýazyjy 1991-nji ýylda Azerbaýjan Ýaşlar birleşiginiň býuro agzalygyna saýlandy we 1982-nji ýylda azerbaýjan ýaşlarynyň resmi wekili hökmünde Ýugoslawiý Federatiw Sosialistik Respublikasynda saparda boldy.
Ýazyjy 1980-nji ýyldan 1990-njy ýylda çenli Ýewropada we

Gündogar ýurtlarynyň birnäçesine syýahat etdi.
1963-nji ýylda Azerbaýjanyň Žurnalistler birleşigine, 1978-nji ýylda Azerbaýjan Ýazyjylar birleşigine agzalyga kabul edildi.
2004-nji ýylda "Yaddaş" milli baýragyna, 1975-nji ýylda "Qızıl qələm" baýragyna mynasyp boldy.
Ýazyjy Ýusup Kerimow 2018-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda aradan çykdy.

■ Eserleri

1). "Ýollar… Gözlegler…" ("Yollar… Axtarışlar…") Bakı: Gənclik, 1969;
2). "Bir desse gül" ("Bir buta gül") Bakı: Gənclik, 1972;
3). "Tawridada ýyldyrym çakýar" ("Tavridada şimşək çaxır") Bakı: Gənclik, 1977;
4). "Üç künjek" ("Üçbucaq") Bakı: Gənclik, 1979;
5). "Gün geçer, gaýdyp gelmez" ("Gün ötər, geri dönməz") Bakı: Gənclik, 1984;
6). "Gyzyl kenar" ("Qırmızı sahil") Bakı: Yazıçı, 1988;
7). "Lalə və kəpənək" Bakı: Gənclik, 1994;
8. "Perişan söýgim" ("Pərişan eşqim") Bakı: Zaman, 1998;
9). "Ýitgiler we umytlar" ("İtkilər və ümidlər" Bakı: Şans, 1999;
10). "Içime açylan penjire" ("İçimə açılan pəncərə") Bakı: Elm və həyat, 2003;
11). Qarabağ şikəstəsi. Bakı: Azərbaycan, 2003;
12). "Sary gelin" ("Sarı gəlin") 2016, Bakı.

■ "Sary gelin" / roman

Ýusup Kerimowyň "Sary gelin" romany 2016-njy ýylda neşir edildi. Eserde Daglyk Garabagy Azerbaýjandan bölüp aýyrmak isleýän gara niýetli güýçleriň pyssy-pyjurlyklary çeper teswirlenipdir. Geçen XX asyryň 90-njy ýyllarynda bolup geçen galagoply wakalaryň arasynda galan iki ýaş juwanyň söýgüsi romanyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly